# Käbilden soňky habarlar

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Käbilden soňky habarlar **KÄBILDEN SOŇKY HABARLAR**




*Owganystan daglaryň depesindäki agyr we uzak pozisiýasyna gaýdyp geldi*
2020-nji ýylyň 29-njy fewraly öwrenişilmedik döwrüň gutarandygyna ýşarat edýärdi. Şol ýyl amerikanlar «ýigrimi ýyldan» gowrak wagtlap urşan ýurdundan sessizje, ýöne ur-tut çykmaga başladylar.
Ýigrimi ýylyň dowamynda owgan daglarynda we Tora-Bora gowaklarynda azyndan 3 trillion dollara barabardygy çaklanýan, ýöne anyk möçberi belli bolmadyk «fantastiki sanlary» ýitirdiler.
Ondan öň Sowet Soýuzy 16 müň öli we Moskwanyň harby at-abraýyny birinji gezek ýitiren «toz-duman» ýurdunda on ýyla golaý wagtyny geçiripdi.
Masgaraçylykly ýeňliş umumylykda alanda Sowet Soýuzynyň dargamagynyň başlangyjydy.
Edil şu günler Käbilden nähili habarlar gelip gowuşýar. Hiç zat, hiç zat!
Birküç aý öň aýal-gyzlaryň okuwynyň ýatyrylandygyny ýa-da birküç sany aýal-gyzyň zähmet çekmäge bolan hukugynu talap edip köçä çykandygyny we olaryň birtopar molla gullukçy tarapyndan kowalanandygyny eşidýär, başga hiç zat eşdemzok.
Hiç bir uly ýurt urşanok, hiç bir Aziýa sebiti özüni gözlänok, we sowuk, gyzgyn ýa-da ýyly uruş ýok.

Owganystan daglaryñ depesindäki agyr we uzak pozisiýasyna gaýdyp geldi. Indi hiç kimse onuñ strategiki ähmiýetinden we geosyýýasy rolundan söz açanok.
Hiç kimse oña geçmişde iñlisleriñ, hatda fransuzlaryñ garşysyna nähili dikilendigini ýatladanok.
Munuñ özi Abdylla el-Kasymy bilen «dünýäniñ birmeñzeş akylda däldigini» ýanjap oturmagymyza sebäp bolup bilermi?
Taryhyñ iki uly ýurdy tarapyndan edilen bular ýaly uly perwaýsyzlyfa dünýäniñ ähli söweşjeñ mekdeplerinden taryhçylaryñ, analitikleriñ, tejribeli harby gullukçylaryñ haýsydyr bir jogaby barmy?
Ýa-da Jorj Buş ABŞ-nyñ ähli harby güýjüni tijäp, Molla Omary ol ýerde gözlemegiñ ýerine, Tora-Boranyñ gowaklarynda taşlap gaýtsady? A orslary kert gaýalyk, ýarsy göçüp giden paýtagtda dünýä liderligini gözlemäge iteren zat nämedi?
Owganystan Jorj Buşyñ başyna inen ýeke-täk bela-beteri däldi. Emma Usame bin Ladiniñ ABŞ-nyñ ýurduñ içindäki güýjüne we at-abraýyna hüjüm etmeginiñ şertlerini ýada salsak, muña düşünse bolýar.
Sowet Soýuzy barada aýdanda bolsa, Käbiliñ biragyzdan dünýäni kommunizme öwrüp taşlamagyna göz ýumup bilmediler we şol sebäpli amerikanlaryñ sumat bolan jennete girmeginiñ öñüne aljak boldular.
Şu günlerde Käbilden täsin habarlar gelýär. Daglyk paýtagt aslyna dolanyp bardy, adaty gündelik durmuş, boş bazarlarda ýok harytlar, iş gözleýän ýaş ýigitler…
Hem ABŞ-na göç etmäge hyýallanýan beýlekileri amerikanlaryñ gulagyna şeýle diýip pyşyrdaýar:
– Bize geljek bolup azara galmañ, biziñ özümiz size barýarys.

Semir ATAULLAH,
Liwanly žurnalist.

Ýekşenbe, 04.04.2023 ý. Publisistika